# Akyl we ýürek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Akyl we ýürek AKYL WE ÝÜREK

Eý ýürek, gynanma armanyñ üçin,
» Söýme » diýsem, » söýjek » diýdiñ diñlemän.
Indi döz baryna, günä özüñde,
Gidenleñ yzyndan, aglap eñreme.

» Baryna günäkär durmuşdyr, durmuş «,
Diýme, diýmegiñe sebäbem ýokdur.
Özdiýenli häsiýetiñden görgün,
Durmuşyñ işleri onsuzam köpdür.

Soñ oýlagyn, biz ynsanyñ geregi,
Biz bolmasak ýaşaýyş bormy ahyr?
Herne bir – biregi goldaly mydam,
Käte bagtdanam söz açsyn şahyr…

Şirnazar TAGANOW Goşgular